# Rus habar beriş serişdeleri Prigožiniñ ölendigi öñe sürülen awiaheläkçilige nähili garady?

Category: Kitapcy,Medisina,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025

Rus habar beriş serişdeleri Prigožiniñ ölendigi öñe sürülen awiaheläkçilige nähili garady? RUS HABAR BERIŞ SERIŞDELERI PRIGOŽINIÑ ÖLENDIGI ÖÑE SÜRÜLEN AWIAHELÄKÇILIGE NÄHILI GARADY?




*«Daşarky täsirleriñem» barlanyp görülmegi ünsden düşürilmeýär*

Rus hakynatutma «Wagner» harby toparynyñ başlygy Ýewgeniý Prigožine degişli «Embraer ERJ-135BJ» kysymly hususy uçaryñ Russiýanyñ paýtagty Moskwadan Sankt-Peterburg şäherine tarap uçup barýarka Twer oblastynyñ üstünde heläkçilige uçrady.

Russiýanyñ Adatdan daşary ýagdaýlar ministrliginiñ (МЧС) beren beýanatynda Moskwadan Sankt-Peterburga barýan hususy uçaryñ Twer oblastynda heläkçilige uçrandygy mälim edildi.

«Wagneriñ» hojaýyny Ýewgeniý Prigožin we onuñ serkerdesi Dmitriý Utkiniñ hem wepat bolandygy öñe sürülen

awiaheläkçiligine rus habar beriş serişdeleri nähili garady?

- **«ИЗВЕСТИЯ»**

Ähli mediýa serişdelerinden öñ «Известия» gazetiniñ internet saýty habary «Twer oblastynda uçar heläkçiligi» ady bilen çap etdi.

Gazet habarda şeýle setirlere ýer berdi:

«23-nji awgustda, çarşenbe güni Twer oblastynyñ Bologowsk raýonynda uçar heläkçiligi bolup geçdi. Bu boýunça çeşmeler «Известия» maglumat berdi we hadysanyñ wideoşekilleri gazetiñ redaksiýasyna gelip gowuşdy. Hadysanyñ sagat 18:30-da bolup geçendigi aýdylýar. Çeşmeleriñ berýän maglumatyna görä uçarda ýedi adam bar eken. Ölenleriñ we ýaralananlaryñ bardygy aýdylýar».

«Известия» gazeti habary şeýle eşitdirdi:

«Twer şäheriniñ häkimligi heläkçilige uçran uçaryñ raýat-ulanyş maksatly ulagdygyny mälim etdi».

Russiýanyñ Howa ýollary gullugy Twer oblastynda heläkçilige uçran uçaryñ ýolagçy sanawynda Prigožiniñem adynyñ bardygy mälim etdi.

Adatdan daşary ýagdaýlar ministrligi uçarda on adamyñ bardygyny we üçüsiniñ uçarmanlardygyny habar berdi. Moskwadan Sankt-Peterburga uçan «Embraer Legacy» kysymly uçaryñ Kuženkinonyñ töwereginde ýere gaçandygy aýdyldy. Redaksiýa gelip gowşan wideoýazgyda uçaryñ ýere gaçyşy we ot alyşy bar.

Gözi bilen gören şaýat uçaryñ ýere gaçan pursatyny şeýle gürrüñ berdi:

«Hyžlawuk ses eşdenimde ýokaryk seretdim, burugsap tüsse çykýandygyny, uçaryñ çaltlyk bilen barýan ugruny ýitirip aşaklygyna kelemenläp gaýdandygyny gördüm. Uçaryñ doly ýere

gaçjakdygy görnüp durdy. Agaçlaryñ añyrsynda gözden ýitdem welin, güýçli partlama boldy we otuz sekun6dan soñ uçaryñ gaçan ýerinden gap-gapa tüsse asmana galdy».
«Известия» aýratynam şu sözlere ýer berdi: «Uçaryñ ýere gaçan ýerinde Prigožiniñ telefony tapyldy».

- **«Baýden Twer oblastynda uçar heläkçiliginiñ bolup geçenine geñ galyp durmady»**




- «КОММЕРСАНТЪ»

«Коммерсантъ» gazetiniñ uçar heläkçiligi hakda beren habary şeýleräk görnüşde:
«Ýolagçylaryñ arasynda Ýewgeniý Prigožiniñem bolan uçaryñ heläkçilige uçramagy hakda nähili maglumatlar bar?»
«Biz Russiýanyñ ýanynda» guramasynyñ Zaporožýe oblasty boýunça bölüm başlygy Wladimir Rogow «Wagner» toparynyñ harbylaryndan alan habaryna salgylanyp, Ýewgeniý Prigožin bilen bile onuñ topar serkerdesi Dmitriý Utkiniñem aradan çykandygyny öz «Telegram» kanalynda ýazdy.
Şondan soñ Russiýanyñ Döwlet Howa ýollary gullugy uçar heläkçiliginde wepat bolanlaryñ sanawyny mälim etdi:

1. Ýewgeniý Prigožin;
2. Dmitriý Utkin;
3. Sergeý Propustin;
4. Ýewgeniý Makarýan;
5. Aleksandr Totmin;
6. Waleriý Çkalow;
7. Nikolaý Matuseýew.

Uçarmanlar toparyndan:

1. AlekseýLewşin (kapitan pilot);
2. Rustam Karimow (ikinji pilot);
3. Kristina Raspopowa (uçar işgäri).

Açylan derñew işinde uçaryñ sürülen wagtynda bolup geçen tehniki säwlikleriñ öwrenilmegi bilen bir hatarda, «daşarky täsirleriñem» barlanyp görülmegi ünsden düşürilmeýär.
Ak tamdan berilen bir habarda uçar heläkçiligi boýunça prezident Baýdene maglumat berilendigi aýdyldy.

**• «Flightradar» saýty Prigožiniñ uçarynyñ otuz sekundyñ dowamynda 2,4 km ugruny ýitirendigini habar berdi»**
«Flightradar 24» saýtynyñ adminstratory Ýan Petçenik sagat 18:19-da uçaryñ çaltlyk bilen aşaklap başlandygyny we ýarym minudyñ içinde 8,5 km belentlikden 6,1 km aşaklandygyny habar berdi.
«Munuñ göz açyp-ýumasy salymlykda bolup geçendigi görnüp dur. Megerem, nämedir bir zatlaryñ bolup geçmeginden soñ olar uçary halas etmegiñ ugruna çykdylar. Uçarda hiç hili tehniki näsazlyk ýokdy».
Wakanyñ bolan ýerindäki ähli delilleriñ toplanmagyndan soñ Howa Ýollary gullugy derñew işini soñlandyrdy. Wepat bolanlaryñ meýitleri sud-medisina ekspertizasyny geçirmek üçin morga ugradyldy.

**• Lenta.ru**
Lenta.ru saýty «Russiýanyñ Howa Ýollary gullugynyñ döreden

komissiýasynyñ Twer oblastynda heläkçilige uçran uçar boýunça barlag işlerine başlandygyny» ýazdy we habarda şeýle sözlere ýer berdi:
«Russiýanyñ Howa Ýollary gullugynyñ döreden komissiýasy Twer oblastynda heläkçilige uçran uçar boýunça barlag işlerine başlady».
Saýtyñ «Telegram» kanalynda şeýle beýanat berildi:
«Twerde heläkçilige uçran uçaryñ bir bölegi iki kilomer añyrdan tapyldy».

- **«Aşpez, ýörite harby şereketiñ düýbüni tutujy, gozgalañçy… Ýewgeniý Prigožin awiaheläkçilige uçrap, aradan çykdy. Ol hakydalarda galan keşbi»**

«Wagner» ýörite harby kompaniýasynyñ ady birinji gezek 2015-nji ýylda Russiýanyñ Siriýada geçiren harby operasiýalarynda eşdildi. Terrorçy toparlara garşy söweşen we oppozisiýanyñ golastyndaky şäherler boýunça geçirilen operasiýalara gatnaşan harby kompaniýanyñ urşujylary şol bir wagtyñ özünde Beşar Esadyñ goşunyndan gaçanlary ganly formada öldürmegi bilenem meşhurlyk gazanypdy. 2023-nji ýylyñ maý aýynda Prigožinden ölümden gorkup-gorkmaýandygy soralanda «Haçan öljegimizi pikir etmejek bolmaly, çünki biziñ hemmämiz wagty ýetende ölýäris» diýip jogap beripdi.

- **«РИА НОВОСТИ»**

«Риа Новости» uçar heläkçiligini şu habarlar bilen eşitdirdi:
«Twer oblastynda ýörite uçar heläkçilige uçrap, böleklere bölündi, ýolagçylaryñ arasynda Prigožinem bar eken…
Prigožiniñ barýan uçarynda onuñ bilen bir ady göterýän raýatyñ (atdaşynyñ) bolmagy-da ahmal…
Baýden Twer oblastynda bolup geçen uçar heläkçiligine geñ

galyp durmady. Ol soňky birýarym sagadyny maşk edip durandygy sebäpli, bolup geçen wakanyň detallaryny bilmeýändigini aýtdy».

- **TACC**

«Prigožin we Utkin heläkçilige uçran «Embrarer» uçarynda eken… Twer oblastynda heläkçilige uçran söwda uçaryndaky ýolagçylaryň we uçarmanlaryň at-familiýasynyň sanawy…»

Maýis ALIZADE.

Penşenbe 24.08.2023 ý. Publisistika